# Uruş ýyllaryndan bir görnüş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uruş ýyllaryndan bir görnüş URUŞ ÝYLLARYNDAN BIR GÖRNÜŞ

Arkada goşhalta, egninde şinel,
Gyssanýar ol öýlerine ýetmäge.
Bir oglanjyk ylgap öňünden çykyp,
Oňa sorag berýär tapman hiç çäre:

– Essalawmaleýkim, meniň kakamyň,
Haçan geljegini aýtgyn, daýy jan?!
– Basym geler, sabyrly bol, garaşgyn,
Ah, ezizim, akyllyjam, ýagşyjam.

Gözlerde aýralyk, ýürekde söýgi,
Gyssanýar ol öýlerine ýetmäge.
Bir garagöz gelin öňümden çykyp,
Oňa sorag berýär tapman hiç çäre:

– Eý ýigit, bäri dur, söwer ýaryma,
Duşansyň-la, aýt, haçan gelýär ol?!
– Ah, gelin, mert ýürek mähriban gelin,
Basym gelýär, biraz sabyrlyrak bol!

Maňlaýynda gasyn, saçlarynda ak,
Gyssanýar ol öýlerine ýetmäge.
Garry ene onuň öňünden çykyp,
Oňa sorag berýär tapman hiç çäre:

– Wah, jan oglum, duşansyň-la balama,
Haçan geljeguni bilýänsiň hökman?!
– Ah, ene ogluň-a basymjyk gelýär,
Sabyrly bol, garaş, gözýaşyň dökmän!

…Arkada goşhalta, egninde şinel,
Gyssanýar ol öýlerine ýetmäge.
Ol söwer ýar, ogul hem kaka bolup,

Ili begendirdi, tapman hiç çäre.

■ ZOÝA

Kyrk birinji ýylyñ añzakly gyşy,
Gar syraýar. Zaryn iñleýär şemal.
Hol alysda dardan asylan zenan,
Aklygyñ içinde görünýär şu hal.

Asmana bakyp dur mawy gözleri,
Ýüzüne çykypdyr gyrmyzy gany.
….Ol durşuna gyzyl elwan öwüsip,
Parlaýar ol Gyzyl Baýdak mysaly.

Eziz YKBAL. Goşgular